# Açyk hat!..

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Açyk hat!.. AÇYK HAT!..




Şu gün wagty yza sarap, 1999-njy ýylyň 17-nji awgustyndaky Uly Marmara ýer titremesinden soň şol wagtyň premýer-ministri merhum Bülent Ejewite ýazan açyk hatymy bilelikde okalyň.
* * *

«Hormatly Bülent Ejewit!
«Asyryň heläkçiligi» hasaplanan ýer yranmasyndan bäri adatdan daşary depgin bilen işleýärsiňiz. Ukusyz, belki-de garamabasmalardan doly gijeleri geçirýänsiňiz. Müňlerçe raýatymyzyň ölümine, on müňlerçesiniň ýaralanmagyna sebäp bolan heläkçiligiň eserdeňligiňizi düýbünden sarsdyrandygyny teleýaýlymlarda görünýän ýadaw we gamgyn bakyşlaryňyzdanam görüp bolýar.
Emma ýene şol teleýaýlymlar barha gyňyrlaşýandygyňyzy, hoşgylawlygyňyzy ýitirmäge başlandygyňyzy we jemgyýetde uly at-abraýdan peýdalanýan birkemsiz, dana döwlet işgäri aýratynlygyňyzdan daşlaşýandygyňyzy-da görkezýär.
Mysal üçin ýer yranan sebitlerden gelen käbir habarlara nägileligiňizi bildirende, size gelişmeýän terzde «Bir kysym habar beriş serişdesi!» diýmegiňiiz, munuň bilenem çäklenmän RTÜK-i (Teleradioýaýlymlaryna gözegçilik edýän edara) iş başyna çagyrmagyňyz, diş gyjap gelen RTÜK işgärleriniň Kanal-6 teleýaýlymyny bir hepdeläp ýapmagy siziň üçin örän gelşiksiz üýtgeşmeler boldy.

Bu temmi çäresine dünýä jemgyýetçiliginde hökümetiñ tebigy betbagtçylygyñ garşysyndaky nalajedeýinliginiñ subutnamasy hökmünde baha berildi.
Hormatly Ejewit!
Ok ýaly dogry şahslygyñyzdan alýan batyrgaýlygym bilen käbir hakykatlary ýatlatmagy žurnalistlik kärimiñem, ýönekeý raýatlyk borjumyñam gaýragoýulmasyzlygy hasaplaýaryn:
Jemgyýetde «Garaoglan» tupanyny galdyryp, birnäçe ýyllap adyna «Bozuk düzgün» diýen ýer we struktura talañçylygyna esaslanýan ysly sistemañyz ýer sarsgyny bilen birlikde harabalygyñ aşagynda galdy. Ildeşlerimiz şunça kösençligiñ arasynda ýer yranmasyny betbagtlyga öwren düýp uly sebäbiñ sistemanyñ hut özüdigini gördi.
Populist we makiawellist syýasatçylaryñ şahsy bähbitlerine gabat gelýändigi üçin häzirki güne çenli wezipe satyn almalara, adalatsyzlyga, körsowatlyga, korrupsiýa, para-peşgeşe we ogurlyga arka duran porsy ysly talañçy sistema betbagtlygyñ garşysynda ejiz ýagdaýa düşüşi ýaly, size we hökümetiñize bildirilýän ynamy-da köki-damary bilen sarsdyrdy…
Ýogsam bolmasa diş gyjamagyñ ýerine «käbir syýasatçylaryñ döwleti kiçeldip, döwletiñ guramaçylyk ukybyny we aktiw göreş güýjüni ýok edendiklerini» boýun alyp, bu gowşaklygy aradan aýyrmak üçin jan edýändigiñizi aýdyp bilerdiñiz. TW habarlaryna gaharlanyp, ýangynyñ üstüne benzin sepelemäge barýan, ur diýseñ öldürýän RTÜK-i çagyrmagyñ ýerine, ony ekrandaky ajy hakykatlary, talañçy sistemany halka düşündirmegiñ serişdesi hökmünde peýdalanyp bilerdiñiz. Gynansak-da beýtmediñiz, gaýtam senzura girizip, «žurnalist premýer-ministr» hökmünde taryha girme şowsuzlygyna uçradyñyz.
Hormatly premýer-ministr!
Ykdysady ösüşi we döwlet girdejisiniñ adalatly paýlanşygyny bökdeýän şeýle talañçy sistemanyñ arhitektory siz dälsiñiz. Käbir toparlary uçursyz baýlaşdyran, ýöne şol bir wagtyñ özünde garyplaşmagyñam sebäbi bolan, ýer we struktura esaslanýan sistemadan dynnym ýaly-da peýda görmeýşiñiz ýaly, döwletiñ berýän mümkinçiliklerinden peýdalanyp, doganlaryñyza, ýegenleriñize, gaýynagalaryñyza we şübheli kişilere edenini

etdirmediñiz. Tersine, iñ kynyny başardyñyz we arassalygyñyza galdyñyz.
Jemgyýetçilik ýer yranmasyny betbagtlyga öwren düýp betbagtlygyñ, ýagny sistemanyñ jogapkärçilige çekilme wagtynyñ gelendigine ynanýar we düýpli üýtgeşmä garaşýar.
Şeýle bolýan bolsa, siz nämå dursuñyz, hormatly Ejewit!
Rewolýusionerlige barýan ýol halkara arbitraža gol çekmekden däl-de, ýer yranmasy bilen birlikde çöken çüýrük sistemany üýtgetmekden geçýär.
Bu taryhy pursaty sypdyrmañ.
Ýaralar saralyp durka, iñ bolmanda şu gezek ýara neşter atmagy ýatdan çykarmañ. Mundan beýläk ýer yranmasynda ölüp gitmek türk raýatynyñ ýazgydy bolmasyn.
Ýaralarymyzyñ halal etmän saralmagyny, bitmegini dileýärin.
Hormatlamak bilen.»

* * *

Okan hatyñyz 1999-njy ýylyñ 29-njy awgustynda ýazyldy. Ondan bäri 24 ýyl geçdi.
Başymyzdan geçiren soñky tebigy betbagtlygymyzda ýüregimiz daglanyp, ýene bir gezek şuña şaýat bolduk: aradan şunça wagtyñ dowamynda emelsizligiñ, geleñsizligiñ, ukypsyzlygyñ belende göterilip, ylmy akyl-paýhasyñ terk edilen ýeke-ýalñyz we negözel ýurdumyzda ýer yranmasynda ölüp gitmek, gynansak-da, ildeşlerimiziñ üýtgewsiz ýazgydy bolup galdy!..




Has köp zatlary ýazsa bolardy, ýöne, ynanyñ, şu zatlardan soñ ýeke setir ýazasym gelenok!

Ýalňyşlyklary aýtmakdan, duýdurmakdan ýaňa dilime tüý çykdy!
Ýöne diňleýän barmy näme?
Ýurdumyz abat bolsun, halkymyzyň başy dik bolsun…
Ugur DÜNDAR.

«SÖZCÜ» gazeti, 24.02.2023 ý. Publisistika